# Gibrid adam döretmek meýilnamasy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gibrid adam döretmek meýilnamasy

GIBRID ADAM DÖRETMEK MEÝILNAMASY

Google-nyň emeli aň taslamasynyň ýolbaşçysy Reý Kurzwell ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde geçirilen Ýokary Maliýe konferensiýasyna gatnaşanda, öňümizdäki on bäş ýylyň içinde adamlaryň biologiki we biologiki däl organizmler bilen gibridleşip biljekdigini mälim etdi. Gibrid meýilnamasynyň üstünde işleýän Kurzwell biologiki däl organizmlerden gibrid alynanda, bugdan peýdalanyljakdygyny aýtmak bilen birlikde adamyň beýnisini kabelsiz aragatnaşyga, ýagny "Kloud" ("Bulut") ady berilen sistema baglap bolýandygyny-da öňe sürdi.
Alymlar Kurzwelliň bu taslamasyny juda howply hasaplaýar. Sebäbi beýnini üýtgetme usuly bilen adamlary haýsydyr bir betpygylly toparlaryň maksadyna görä islän ugruňa dolandyrmakdanam beter, gibrid tehnologiýasynyň adamçylyk duýgularyny ýok etme howpy abanýar.
Reý Kurzwell "Biziň pikirimizçe adamlar gelejekde biologiki we biologiki däl organizmler bilen jübütleşip gibridleşerler" diýip aýtdy. Biologik däl organizmler üçin bug görnüşinde gatnaşyklar dörär. Hatda adam beýnisini kabelsiz aragatnaşyk bilen "Cloud" atly sistema birikdirip boljakdygyny-da sözüne goşan Kurzwell: "Meniň pikirimçe çäkden-çygyrdan çykmak adamyň tebigatynda bar" diýmekden çekinmedi.

- Gibrid

"Spiritual enjamlaryň asyry", "Aňyňyzy nähili kemala getirip bilersiňiz?" atly kitaplaryň awtory we "adamsyz awtoulaglar

öndüriler" diýen ýaly öňünden aýdýan çaklamalary köplenç dogry çykýan Kurzwell emeli aňy döretmek boýunça geçiren ylmy işleri boýunça-da täsin pikirleri öňe sürdi.
Kurzwell aň sistemasynyň içine ýerleşdiriljek nanorobotlar arkaly düýpgöter başga bir dünýä gadam basjagymyzy aýdýar. Başgaça aýdanda biziň beýnimiz bir kinniwanja "buluda" garaşly ýagdaýa öwrüler. Ýagny telefon, telewizor, kompýuter we internet ýaly enjamlar kabel aragatnaşyksyz nädip işledilýän bolsa, şol kinniwanja "bulut" arkaly neokorteksimizi giňeltmek mümkin bolar we netijede bizem "Matrisa" çeper kinofilminiň gahrymanlary ýaly bolarys. Nanorobotlaryň dürli kesellere garşy adamyň tebigy immunitet goragynyny güýçlendirjekdigini we bejermesi kyn keselleri ýeňip boljakdygyny aýdýan Kurzwelliň pikiriçe nanorobotlar ölümi ýeňmegiňem ýoluny açsa gerek.
Öňümizdäki 2045-nji ýylyň biologiki ösüşüň ewolýusiýasynyň ýerine emeli aňyň ornaşdyrylan öwrülişik ýyly boljakdygyny aýdýan Kurzwell bu barada şeýle diýýär:
"Gelejekde tehnologiki ösüşiň depgininiň barha batlanyşy ýaly, onuň täsir ediş gurşawy-da has giň gerimli bolar. Adamzadyň durmuşy yza dolanyp bolmajak ýagdaýda öwrülişigi başdan geçirer. Ertirimizi utopistik we distopiýaçy nukdaýnazardan göz öňüne getirýänleriň bardygyna garamazdan, asyrymyz adamyň ölümini-de öz alýan üýtgewsiz durmuş kadalarynyň ählisini üýtgedip taşlar. 2045-nji ýylda emeli aňly robotlaryň döredijі güýji adam aňynyň döredijі güýjünden 1 milliard esse güýçli bolar we adamzat nesli hiç haçan öňküsi ýaly bolmaz. Eger kompýuter arkaly aklymyzyň ýetmez ýerini doldurmak mümkinçiligi bolsa, bedenimiziň gowşak görünýän synalary-da has berk emeli syna bilen çalşyrmak mümkinçiligi dörär. Bu bize gerek bolsa aňymyzy ýerleşdirip boljak başga bir beden tapyp biljekdigimizi we ejiz bedende ýaşamagyň zerurlygynyň galmajakdygyny aňladýar. Netijede edil kompýuter oýunlaryny oýnanymyzda ähli artykmaçlyklary jemlenen supergahryman saýlap alşymyz ýaly, beden agzalarymyzy hem saýlap-seçip alyp bileris.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

Geň-taňsy wakalar